# Gara batyr

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Gara batyr

GARA BATYR

Gara batyr münýär gara atyny,
Gara gije görýär gara güýjüni.
Görýär garadangaýtmazy gara päl,
Görýär duşman ar gyljynyñ öjüni.

Gara batyr,
Gara batyr,
Är batyr,
Ýaga depýär tizliginde peleñiñ.
Şalgam dek atylan kellesin sanap,
Dañdan duşman bilýär kimiñ gelenin.

Rowaýata dönýär türkmeniñ gyljy,
Manysy ýok top, tüpeñli wagtyñam.
…Gädilip-gädilip gutarýar gylјy,
Onsoñ başyn goýýar Gara batyram.

Süleýman ILAMANOW.

Goşgular